Çaklama «öňünden görmek» diýen has giň düşünje bilen baglanyşyklydyr. Öňünden görmek hakykatyň beýanyny öňürtileýär we tebigatyň, jemgyýetiň hem-de pikirlenmegiň kanunlaryny öwrenmäge esaslanýar. Anyklygyň derejesine we derňelýän hadysalara täsir ediş häsiýetine baglylykda, onuň gipoteza, çaklama we meýilnama görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Gipoteza ylmy taýdan öňünden görmegi häsiýetlendirip, umumy nazaryýetden gelip çykýar, ýagny gipotezanyň gurluş binýadyny nazaryýet we onuň esasynda derňelýän obýektleriň ösüşiniň we hereketde bolmagynyň kanuna laýyklyklaryny we sebäp-netije baglanyşyklaryny açmaklyk düzýär. Gipotezanyň derejesinde olaryň hil häsiýetnamasy berilýär, ol özüňi alyp barmagyň umumy kanunalaýyklygyny görkezýär.

Çaklama diýip geljekde obýektiň bolup biläýjek ýagdaýlaryny, onuň ösüşiniň alternatiw ýollary barada ylmy taýdan esaslandyrylan ulgama düşünilýär. Gipoteza bilen deňeşdirilende, çaklama has kesgitli bolýar, sebäbi ol diňe bir hil görkezijilerine däl-de, eýsem, mukdar görkezijilerine hem esaslanýar, şonuň üçin obýektiň geljekki ýagdaýyny mukdar taýdan häsiýetlendirmäge hem mümkinçilik berýär. Çaklama öňünden görşi anyk – amaly nazaryýet derejesinde görkezýär, şonuň üçin gipoteza bilen deňeşdirilende has anyk hasaplanylýar. Çaklamany işläp taýýarlamak hadysasyna çaklama işi diýilýär.

Öňünden görmegiň görnüşleri öz arasynda baglanyşykly bolup, geljekde obýektiň özüni alyp barşyny yzygider öwrenmegiň anyk basgançaklaryny görkezýär. Bu hadysanyň başy – obýektiň ýagdaýlaryny umumy ylmy taýdan öňünden görmek, jemleýji tapgyry – obýekti onuň üçin täze kesgitlenen ýagdaýa geçirmek usullaryny işläp taýýarlamakdyr. Munuň üçin wajyp serişde bolup çaklama hyzmat edýär, ol umumy ylmy taýdan öňünden görmegiň we meýilnamanyň arasyndaky baglaşdyrýan bölek bolup durýar.

Ykdysady hadysalaryň çaklamasy çaklamanyň beýleki görnüşleri, ýagny durmuş, syýasy, demografik, ylmy-tehniki, tebigy resurslaryň binýadynyň ösüşi we beýlekiler bilen bilelikde amala aşyrylýar.

**Rahym HOJAMEDOW**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024